# Ahyrky netijäni öňünden aňan zergäriň çekim daşyny sorap gelen goňşusyna beren jogaby

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ahyrky netijäni öňünden aňan zergäriň çekim daşyny sorap gelen goňşusyna beren jogaby Ahyrky netijäni öňünden aňan zergäriň çekim daşyny sorap gelen goňşusyna beren jogaby

Günleriň birinde ýöräp çalaja,
Zergäriň ýanyna gelip bir goja,

Diýdi: «Goňşy, kyn görmeseň eger sen,
Birki günlik çekim daşlarňy ber sen.

Öýümde bar meniň az-owlak tyllam,
Kösenýärin olaň agramny bilmän.

Şony anyklaýsam, bolmazdy zyýan,
Şoň üçinem, çekip görmek isleýän».

Zergär şeýle diýen: «Gadyrdan goňşy,
Seniň päliň düzüw, niýetiň ýagşy.

Ony bermek kyn däl. Ýöne soňundan
Boljak işi bilip durun öňünden.

Saňa berer ýaly (şeýle ýagdaýym),
Sübsäň, hasaň ýokdugny aýdaýyn».

Goja bu sözlere birhili boldy,
Gürlände, öňküden sesi gataldy:

«Ýokuşyrak gördüm gepiňi men-ä,
Senden sübse, hasa soran barmy nä?»

«Biler bolsaň, goňşy, köne sergär men,

Käbir boljak işi öňden görýän men.

Sen bir goja kişi, biliň bükülen,
Ah-wahyň, hyk-çokuň öýi sen kileň.

Düýbünden ýat saňa meniň hünärim,
Öýüňde ýagşyran gyzylyň baryn

elleriňi saňňyldadyp çekersiň,
Ownuk-uşaklarny ýere dökersiň.

Süpürip alaýyn — diýip, dessine,
Eňersiň ýene-de meniň üstüme.

Şol külke gyzylňy elemek üçin
Gersiň ýene hasa dilemek üçin.

Şol sorajak zatlaň welin mende ýok,
Soňun görmän, bir iş etmek bolanok». Goşgular